# Ukraina-Russiýa sosial mediýa söweşi

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ukraina-Russiýa sosial mediýa söweşi UKRAINA-RUSSIÝA SOSIAL MEDIÝA SÖWEŞI: PANTOMIMA ÇEKIŞMESI ÖÑDELIGI SAKLAMAGA ÝETERLIK BOLUP BILERMI?



*Hünärmenler sosial mediýada ulanylýan diliñ uruş tragediýasynyñ görmezlige salynmagyna sebäp bolýandygyny aýdýarlar.*
*Russiýanyñ çozuşyndan soñ ýöreden strategiýasy bilen goldanan Ukrainanyñ prezidenti Wladimir Zelenskiý sosial mediýada supergahryman hökmünde sypatlandyrylýar. (Twitter/@seladadefruta)*

Russiýanyñ 24-nji fewralda Ukraina «ýörite harby operasiýa» geçirýändigini mälim etmeginiñ yzysüre gury ýerde we howada başlan söweşiñ ýanyna ýene bir front sosial mediýada açyldy.

Hem Russiýa, hem Ukraina psihologiki öňdeligi saklamak üçin propaganda kanallaryny mümkin boldugyndan açansoň, resmi aýgytlar arkaly ýöredilýän psihologik söweş ýönekeý sosial mediýa ulanyjylaryna-da syçrady. Goşun bölümleri front meýdanynda garşyma-garşy gelse, sosial mediýa ulanyjylary-da gereginden artyk ýaňsylaýjy mowzuklary ýaýradyp, internet platformalaryny uruş meýdanynyň bir bölegine öwürdi.

Uruşyň täze formasy diýip boljak bu göreş pantomimalarda hasam köp özüni görkezýär.

Sosial mediýanyň gurluşyna laýyk biçüwde bulaşyk ýagdaýlary ýöntemleşdirýän, uruşyň getirýän tragediýalaryny ýok saýýan we duşmany ýaňsylap öňdeligi saklamaga jan edýän bu täze syýasy dil özüne aýratyn üns bermegi talap edýär. Uruşyň gidýän ýerlerinden düşürilen fotosuratlar ýaly internetiň çuňluklaryna aralaşýan pantomimalar hakydalara hemişelik girjege meňzeýär.

Emma hünärmenler tarapyndan umuman alanda hakykatda näme bolup geçýändigini bilmäge bolan ilgezikligi gowşadýar diýip hasaplanýan bu diliň binýady gyzgyn çaknyşyklaryň başlamagyndan has ir tutuldy. Pandoranyň gutusyny ýönekeý ulanyjylar däl-de, hut resmi hasaplar açdy.

Geliň, uruşyň medeni aýagy diýip baha berip boljak bu pantomima söweşleriniň nähili başlandygyna we haýsy ugra gönügendigine ser salalyň.

- **«Russiýanyň goňşusy bolmagyň berýän çydap bolmajak kelleagyrysy**

Iki ýurduň arasyndaky dartgynlylyk «Alyň ala meýdanynda» indi güýjän bolsa, sosial mediýa söweşleri birnäçe ýylyň dowamynda ädimme-ädim tutaşdy.

2020-nji ýylyň 23-nji iýunynda Russiýa Federasiýasyna degişli Twitter hasaby Russiýada paýlaşan mowzugynda «Köp sanly ukrainaly Sowet Ukrainasynyň ekerançylyk ammary, populýar saglyk turizmi güzergähi we industriýa ojagy bolan ajaýyp günlerini häzirem ýatlaýandyr» diýen sözler bilen birlikde birnäçe fotosuratlary berdi.

Mowzukda aýratynam «bularyñ hemmesiniñ we mundanam köpüsiniñ Russiýanyñ garamagyndaky Krym ýarymadasynda häzirem bardygy» nygtalýardy. Blog paýlaşylan badyna bir sagatdan soñ garşylyk beren resmi ukrain hasaby blogy sitata alyp, gyjalat beriji dilde «Toksigi kemter» jogabyny berdi.

toxic ex here https://t.co/zU7EEYoreg
— Ukraine / Україна (@Ukraine) June 23, 2020

Bu kesek atyşma gelejekde tutaşjak çekişmäniñ dükürdisini berýärdi.
2021-nji ýylyñ 7-nji dekabrynda ukrain hasabyndan paýlaşylan pantomimada Russiýanyñ goñşusy bolmagyñ berýän çydap bolmajak kelleagyry döredýändigi degişmä salnyp aýdylypdy. On müñlerçe gezek retwitlenen, ýüz müñlerçe gezek laýklanan bu mowzuk sosial mediýany gülkä gark etdi.

pic.twitter.com/bBtsdr7wmX
— Ukraine / Україна (@Ukraine) December 7, 2021

Türkiýedenem birnäçe ulanyjynyñ ünsüni çeken bu mowzuk «Üçünji jahan urşuny başladan twit» diýip teswirlenipdi.
Emma Kiýew dozany has artdyryp, 2021-nji ýylyñ 27-nji dekabrynda Russiýany asyl gorkuzýan zadyñ Ukrainanyñ NATO agza bolmagy däl-de, «adam hukuklary, metbugat azatlygy we adalatly saýlawlardygy» eýmendiriji sypatly jandaryñ we «Golden retriever» jynsly itiñ suraty bilen şekillendirmegi makul bildi.

pic.twitter.com/ga1kbRAt97
— Ukraine / Україна (@Ukraine) December 27, 2021

Harby hereketiñ başlagyndan soñ gelen Gitler pantomimasy bolsa, çaknyşygyñ oduny hasam tutaşdyrdy. Faşistik Germaniýanyñ lideri Adolf Gitleriñ Russiýanyñ Prezidenti Wladimir Putini «egildirip» duran illýustrasiýasy 430 müñ gezek retwitlendi, 1,8 million gezek laýklandy.
Ukraina hasaby bu suraty «Bu ýönekeý pantomima däl, biziñ we siziñ häzirki hakyky bolşuñyz» sözleri bilen paýlaşdy.

This is not a ‘meme’, but our and your reality right now.
— Ukraine / Україна (@Ukraine) February 24, 2022

Yzysüre ukrain hasabyndan yzly-yzyna birden artyk mowzuk paýlaşyldy. Birinji mowzukda «Russiýany sarsgyna salyñ we olara özleri hakynda nähili pikir edýändigiñizi aýdyñ» diýip, sosial mediýa kampaniýasy başladyldy.
Mowzugy goldajaklaram, tankyt etjeklerem seslenmekde gijä galmadylar.
Russiýany goldaýan hasaplaryñ biri «Howalaly we güýçlüdigiñi bilýärin, Russiýa» sözlerini ulansa, ýene biri Ukrainanyñ sosial mediýa kampaniýasyny ýañsylaýan TikTok wideosyny paýlaşdy.
Wideoýazgyda Kiýewiñ Twitter kampaniýasynyñ Putiniñ piñine-de däldigi aýdylýardy.
28-nji fewralda Ukrainanyñ hasabyndan paýlaşykan başga bir pantomimada bolsa, dünýä kartasynda Russiýa we Ukraina görkezilip, «Ukrainanyñ görkezen gahrymançylygynyñ näderejededigini göz öñüne getiriñ» sözleri ulanyldy.

pic.twitter.com/mbfTbnIPJu
— Ukraine / Україна (@Ukraine) February 28, 2022

Höwesjeñ biri tarapyndan taýýarlanandygy görnüp duran, ýöne sosial mediýanyñ ruhuny görkezýän 1-nji martdaky hili pes mowzukda Putin bilen Wladimir Zelenskiý deñeşdirilýärdi we Russiýanyñ Prezidentiniñ juda ýeke galan liderdigi nygtalýardy.

Two leaders, two worlds…
Freedom will prevail pic.twitter.com/TG7Q8Yr4xp
— Ukraine / Україна (@Ukraine) March 1, 2022

Başky mowzuklarda bolşy ýaly, Ukrainanyñ mowzuklary olary goldaýanlaryñ hem-de tankyt edýänleriñ başga pantomimalar bilen garşylyk bermegine getirdi.

They’re gonna lose the meme war too it seems. https://t.co/rkVoTlWG2K pic.twitter.com/T4zCuVFWbl

— Chance (@Bewdreaoux) March 1, 2022

*(Görşüňiz ýaly, pantomima urşunda-da ýeňilerler)*

- **«Kömege mätäçligiň ýok Ukraina, gül ýaly barýaň!»**

NATO, ÝB, ABŞ, Birleşen Korollyk, Fransiýa ýaly günbatarly güýçleriň Ukrainany Russiýanyň öňünde ýeke goýandygyny pikir edýänlerem pantomima uruşlarynda ýerini aldy.
«Tom we Jerri» multifilminden meşhur epizodlarynyň birine meňzedilen bir karikaturada NATO-nyň Russiýany zorlap, Ukrainany kyn ýagdaýda goýandygyna yşarat edildi.

Russia/Ukraine memes always miss context but this one is funny. pic.twitter.com/EVfnQwTYff
— Commie Naruto is not Amused (@MACs_DubDON) February 25, 2022

Başga bir suratda bolsa kömek soraýan ukrain esgerine BMG-nyň uçary «gül ýaly barýaň» jogabyny berýärdi. Ýagny, NATO we BMG ýaly guramalaram bu ýaňsylamalardan ýeterlik paýyny aldy.

Ukrain: send dudes.
NATO/ US/ Eu: You mean nudes?
Ukrain: dudes. I'm middle of the fckin war. #UkraineRussia #russianinvasion #worldwar3 #Memes #memes2021 #WWIII pic.twitter.com/GoVoG3JFbz
— Erupting Volcano (@eruptingmind) February 25, 2022

Twitter we Facebook ýaly platformalarda köp sanly ulanyjynyň paýlaşan başga pantomimasynda «Ýüzükleriň hökümdary» («The Lord of the Rings») çeper filmine meňzedilip çekilen suratda Günbataryň Ukrainanyň bir özüni uruşa ýollandygyna yşarat edilýärdi. Suratda hobbit sypatynda çekilen Ukraina kömek beriljegini aýdýan adam, elf we girdenek sypatly Günbatar güýçleri diňe ýarag kömegini edip yza çekilýär.

How accurate
"We will fight Russia until the last Ukrainian" pic.twitter.com/w0iyCYVOZF

— Astro (@EyesonSouth) March 3, 2022

Okkupasiýanyñ tutarygyny gyjalat beriji dil bilen ýazgarýan başga bir pantomimada bolsa, Moskwanyñ adyna gürleýän biri «NATO girmäñ, ýogsam sizi basyp alarys» diýse, Kiýewiñ adyna gürleýän adam «NATO-nyñ düzümine diñe bizi basyp aljak bolýanyñyz üçin girýäris» diýip jogap berýär. Muña Russiýa «NATO giräýme!» diýip gygyrsa, Ukraina-da «Basyp alma!» diýip garşylyk berýär. Pantomima ýañsylaýjy öwüşgin çaýan soñky böleginde Moskwanyñ adyna gürleýän adam «Diñe NATO girmegi pikir edendigiñiz üçinem basylyp alynarsyñyz» diýýär.

A meme. You know, for the kids.#Ukraine #NATO#Russia pic.twitter.com/DzCq4TUwgf
— Tim Ireland (@bloggerheads) February 24, 2022

- **Kapitan Ukraina Tanosa garşy**

Marwel kinomatografiýa dünýäsiniñ (Кинематографическая вселенная Marvel) janköýerleri-de bu çekişmeden gaýra durmady. Dürli baglanyşyklarda ýygy-ýygydan üns merkezine düşen «Awengers: Endgame»-niñ («Мстители: Финал») meşhur jemleýji sahnasy Ukraina-Russiýa uruşy üçin täzeden çeperleşdirildi.
Kapitan Amerikanyñ Tanos bilen ýekme-ýek galýan epizodynda Stiw Rojers Ukraina hökmünde sypatlandyrylsa, Thanos hem Russiýa hökmünde sypatlandyryldy. Rojersi goldamak üçin portallardan çykyp gelen beýleki supergahrymanlar bolsa, ÝB-i, ABŞ-ny, Birleşen Korollygy añladýardy.

@marveltok24 Hopefully Putin doesn’t take this down… #fyp #marvel #mcu #spiderman #avengers #worldwar3 #avenger #ukraine #russia #russian #war original sound – Marveltok

Şol epizody başga görnüşde teswirlän ýene bir wideoda Kapitan Amerika Kapitan Ukraina öwrülýär we Wladimir Zelenskiý supergahrymanyñ obrazynda garşymyza çykýar.

Captain Ukraine – Volodymyr Zelenskiy #Zelenskiy #ukraine #RussiaUkraineWar #SaveUkraine p

ic.twitter.com/jXgPm6fL2C
— Selada de Fruta (@seladadefruta) February 26, 2022

## • «Janköýer köpçülikleriñ medeni mantygy syýasy gatnaşyga bürendirilýär»

Kopengagen uniwersitetinde janköýer medeniýetiniñ syýasat bilen baglanyşygy boýunça işleri geçiren barlagçy Line Nybro Peterson Kiýewiñ Moskwa garşy goragynyñ supergahryman dünýäsiniñ kodlary bilen rowaýatlaşdyrylýandygyny nygtaýar.
«Ulanyjylar käte syýasy argumenti ýa-da pozisiýany dogry görkezjek bolup çeper-fantastikanyñ ahlagyny ulanýar» diýen Peterson sosial mediýa ulanyjylarynyñ syýasy maksatlary babatda supergahrymanlaryñ aýratynlyklaryny susup alandygyny aýdýar.
Peterson bu fenomeni gysgaça düşündirmek üçin şeýle diýýär: «Janköýer jemendeleriñ medeni mantygynyñ syýasy gatnaşyga we bu babatda söweşjeñ ýagdaýa bürendirilendigini görýäris.»

## • «Bu ýöntem beýan etmeler parahatçylykly çözgütleriñ gözlegine palta urup biler»

Pantomima önümçiliginiñ öz ýany bilen getirýän meselelerine ünsi çekýän we «West of England» uniwersitetinde syýasy gatnaşyklar we sosial mediýa boýunça işleri alyp barýan Stiw Bakleý bolsa şulary aýdýar:
«Bu kyn ýagdaýdaky ukrainalylar üçin aýgytly döredijilikli çykalga we belli bir derejede sylanşyksyzlyk döretse-de, añrybaş derejede buýr-bulaşyk we dowamly üýtgäp duran ýagdaýa dahylly haýsydyr bir nýuansy gereginden artyk ýöntemleşdirip we bu nýuanslary aradan aýryp biler.
Bakleý hakykatda bolup geçýänleri aşa törpileşdirýän bu diliñ «jemgyýetçilik pikirine we basyp alyşyñ sebäp bolýan meselelerine gönükdirilen çözgütleriñ gözlegine» zyýan berip biljekdigini nygtap geçýär.
Şunuñ bilen birlikde pantomimalar informasiýa urşunyñ diñe bir ýüzi. Ukraina bilen Russiýanyñ arasyndaky propaganda uruşlary birnäçe ugurda alnyp barylýar.

- **Kremliñ tarapdary propogandanyñ aýratynlyklary**

Stanford internet obserwatoriýasynyñ 22-nji fewralda beren maglumatnamasynda Moskwanyñ tarapyny tutýan propogandanyñ görnüp duran birnäçe aýratynlygynyñ bardygy bellenip geçilýär. Hususanam rus programmisti Pawel Durowyñ taýýarlan Telegram setindäki hasaplardan ýaýradylýan şeýle propaganda formasy rus döwlet metbugat serişdeleriniñ sözleýiş diline anyk kwalifikasiýa gazandyrýar.
Maglumatnamada döwlet metbugat serişdelerinde sözlenenler Telegram kanallarynda ýöntemleşdirilip radikallaşdyrylýar.
Russiýanyñ harby operasiýa başlamagyndan öñ çap edilen bu işde Telegram kanallarynda ABŞ-nyñ rus isteriýasyny döredendigi baradaky mowzuklaryñ has köpdügi nygtalýar.



*Ukrain konfliktine ABŞ-nyñ sebäp bolandygyna yşarat edýän bu surat Kremliñ tarapyny tutýan Telegram kanallarynyñ birinde paýlaşylypdy. (Stanford Internet Observatory)*

Beýleki bir tarapdan Ukrainanyñ günbatarly ýaranlary bilen arasyna çöp atmaga gönükdirilen mowzuklaryñam ýygy-ýygydan paýlaşylýandygy aýdylýar. Meçew beriji mowzuklar ua-nationalism.livejournal.com, blog.i.ua, politiko.ua, kaniv.net

ýaly saýtlarda ýaýradylýar we esasanam ukrainalylaryň pikirini üýtmegi maksat edinýär.
Agzalalyk dörediji dile eýe şeýle mowzuklaryň umumy meňzeşligi bolsa, seýrek duş gelýän dogry habar çeşmelerine gollanmagydyr.
Rus tarapdarlarynyň ýöredýän propogandasyna umumy häsiýetnama berýän bu maglumatnama hereketden soňky hemleler boýunça hernäçe maglumat bermejek bolsa-da, halkara habar beriş serişdeleriniň hemmesi-de Russiýanyň dezinformasiýa strategiýasyny alyp barýandygyny aýdýar.



*Putin zol-zol «Star Wars» dünýäsindäki Galaktika respublikasynyň soňky prezidentine we Galaktika imperiýasynyň ilkinji imperatory Palpatine meňzedilýär*. (Pikabu.ru)

**• Ukrainanyň propagandasy agressiwleşýär**

Emma Tomas Brewsteriň «Forbes» žurnalynda beren habarynda Ukrainanyň ýöredýän propaganda strategiýasynyňam Russiýadan peslär ýaly däldigi, olaryň ýüzüniň ýuwarlygynyň ýokdugy aýdylýar.
Informasiýa uruşlarynda Ukrainanyň barha agressiw pozisiýa oturmagyny üpjün edenem Zelenskiniň 2019-njy ýyldaky saýlaw kampaniýasyny alyp baran 31 ýaşly Mihail Fedorow.

Ukrainada 2019-njy ýylyň 29-njy awgustynda açylan Sanly ulgama geçiş ministrliginiň ilkinji ministri Fedorow Kiýewiň kiber goşunynyň görlüp-eşdilmedik töwerekleýin uruş alyp barýandygyny aýdýar.
Fedorowyň orunbasary kyrk ýaşly Alekseý Bornýakow bolsa Russiýanyň propoganda we kiber hüjümlerine garşy Ukraina kömek etmek isleýän adamlar bilen koordinasiýaly işleşýändiklerini nygtaýar. Bornýakow alyp barýan işlerini şeýle sözler bilen düşündirýär:
«Biziň maksadymyz olara syýasatyň Putiniň pikirleriniň we edýän işleriniň bütin Russiýany ýykjakdygyny görkezmek. Ýalan-ýaşryklara we galp mowzuklara garşy dogruçyllygy elden bermän göreşýäris.»
ABŞ-nyň «Silverado Policy Accelerator» düşünje guramasynyň başlygy Dmitriý Alperowiç Ukrainanyň agressiw hüjümlerine Russiýanyň jogap bermekde yza galýandygyny aýdýar. Alperowiç hernäçe hakykata gabat gelmese-de, Ukrainanyň aýratynam harby üstünligi görkezmek babatda artykmajy bilen birkemsiz hereket edýändigini öňe sürýär.
Ukrain propogandasynyň çişirilen we nädogry maglumatlar bilen doludygyny aýdýan Alperowiç bu mowzuklaryň aglabasynyň «şübhelidigininiň ýa-da ýalňyşdygynyň» subut edilendigini-de aýdýar.
Ýalňyşdygy subut edilen şeýle maglumatlaryň arasynda Fedorowyň Moskwa biržasy barada aýdan sözi-de bar. Ol 28-nji fewralda ýapyk duran Moskwa biržasynyň kiber hüjümler sebäpli ertesi günem ýapyk durandygyny öňe sürüpdi.
«King’s College London»-da modern dünýäniň uruşlary boýunça ylmy-barlaglary alyp barýan Dewid Bets hem Ukrainanyň interneti boş maglumatlar bilen doldurandygyny aýdýar. Bets iki tarapyňam Telegram arkaly biri-birine garşy hemle urýandyklaryny belläp geçýär.
Ukrainanyň Orsyýete garşy artykmaçlygynyň Günbataryň goldawyndadygyny belleýän Bets şeýle diýýär:
«Ukraina halkara jemgyýetçiligini öz tarapyna çekmegi oňardy. Emma bu köp derejede Günbatarly metbugat serişdeleriniň we hökümetleriniň ukrain propogandasynyň ýalandygy subut edilen

ýagdaýynda-da olaryň galp informasiýalarynyň güýçlendirmeginden we gaýtalamagyndan gelip çykýar.

Esra GÜNGÖR.

05.03.2022 ý. Publisistika